***Halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek berkarar döwletimizde alnyp barylýan ähli işleriň özenini düzýär. Esasy Kanunymyzda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde ykrar edilýän adamyň saglygyny goramak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunda «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgelerimiz öz aýdyň beýanyny tapýar.***

Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda halkymyzyň saglygynyň, bagtyýarlygynyň we abadançylygynyň bähbidine ägirt uly işler alnyp barylýar. «Saglyk» Döwlet maksatnamasy we beýleki birnäçe ugurdaş döwlet maksatnamalary bu ugurda öňde goýlan möhüm wezipeleri çözmäge gönükdirilendir. Bu maksatnamalary durmuşa geçirmegiň çäklerinde alnyp barylýan giň gerimli işler dünýä jemgyýetçiliginiň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň öňdebaryjy düzümleriniň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Türkmenistana we onuň saglygy goraýyş edaralaryna dürli ýyllarda gowşurylan halkara derejeli güwänamalar muny aýdyň tassyklaýar.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, halkyň saglygy diňe bir ýurduň baş baýlygy bolman, eýsem, türkmenistanlylaryň häzirki we geljek nesilleriniň bagtyýar durmuşynyň hem berk binýadydyr. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz paýhasly pederlerimiziň köpasyrlyk ýörelgelerini hem-de dünýä lukmançylygynyň häzirki zaman ösüşlerini özünde jemleýän özboluşly milli saglygy goraýyş ulgamynyň döredilmeginiň gözbaşynda durmak bilen, halkymyzyň jan saglygyny hemme zatdan ilerde tutýar, ony goramaga uly üns berýär, bu ugurda ylmyny, zehinini, zähmetini gaýgyrmaýar. «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary», «Türkmenistan — sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Bagtyýarlyk saglykdan başlanýar» atly dürli ýyllarda neşir edilen kitaplary Milli Liderimiziň ata Watanymyza, ene topragymyza, mähriban halkymyza bolan çuňňur söýgüsiniň aýdyň beýanydyr.

Şeýlelikde, berkarar döwletimiziň saglygy goraýyş ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler, şypahanalarda, hassahanalarda, saglyk öýlerinde we saglyk merkezlerinde ornaşdyrylýan döwrebap tehnologiýalar diňe bir ylmyň iň soňky gazananlary bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ýurdumyzyň lukmanlarynyň hünär derejeleriniň döwrüň talabyna, ylmyň ösüşine laýyk ýokarlanýandygyny, bejerişiň täze, häzirki zaman usullarynyň ornaşdyrylýandygyny alamatlandyrýar.

**Arzuw MÄMMETDURDYÝEWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Inçekesel kafedrasynyň öwreniji-mugallymy.**

Все права защищены